# Iller begener

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Iller begener ILLER BEGENER

Ak topugña döküp gara saçlaryñ,
Gadam goýsañ, biziñ ýollar begener.
Dahanyñda görüp akja dişleriñ,
Bag başyna çykyp güller begener.

Çit köýnegiñ ezip inse ýagyşlar,
Belent-pesiñ mälim eder, nagyşlar.
Boýlaryña boýuñ deñäp gamyşlar,
Sülmüräñde ýüpek ýeller begener.

Ýazlary bar, gyşlary bar ýarymyñ,
Şol ýazlaryñ, şol gyşlaryñ zary men.
Giñ sagryñda göwün açýan örümiñ,
Sypaý-sypaý çöşlän eller begener.

Ak ýaýlañda terneleriñ tözlenip,
Ýaz ýetişer, durkuñ alyp, sazlanyp.
Bakjasyna göwni gidip, näzlenip,
Gyz uýalsa inçe biller begener.

Günler parlap, nurlanyp dur gül kibi,
Elwan öwsüp al-asmanyñ alkymy.
Şelpeleriñ suwa şabrap ýalkymy,
Boýlaryna barsañ köller begener.

Aýdymyny diñläp barýan guwlaryñ,
Gunça kibi açylmyşdyr lebleriñ.
Begres geýip ýaýla çyksa owlagym,
Jemalyña mejnun çöller begener.

Mahmal gije çözläniñde saçlaryñ,
Tüm içinden yşlar pamyk döşleriñ.
Ak säherler bozman gaýmak düýşleriñ,

Öpsem lebleriñden ballar begener.

Goşa baýra kökün uran bagym sen,
Derelerne Gün düşmeýän dagym sen.
Bu dünýäde ýalñyzym sen, tägim sen,
Seni taryp eden diller begener.

Ömrüm baýap barýar, aý-günler geçip,
Hern gutulan ýok ykbaldan gaçyp.
Sen – bägül, men – bulut, gözýaşym saçyp,
Insem zülpleriñden siller begener.

Güller ýaz yşgynda, ýanyp allara,
Köñülleri suwar ýagşy pällere.
Hajym kabul bolar, düşsem ýollara,
Käbäm, saña ýetsem iller begener.

Ýazjuma AGAGELDIÝEW. Goşgular